**Hormatly ýaşulular, mähriban eneler!**
**Eziz watandaşlar!**

Sizi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşuly nesillerimiziň mertebesiniň, hormat-sarpasynyň has-da belentdigini alamatlandyrýan hem-de ynsanperwerlik ýörelgelerini özünde jemleýän Ýaşulularyň halkara güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýaryn.

Ýaşululara hormat-sarpa goýmak, olaryň mertebesini belende götermek, döwletli tutumlarda ýaşuly nesle sala salyp, pikir-garaýyşlaryny diňlemek türkmen halkynyň müňýyllyklardan miras galan iň asylly ýörelgeleriniň biridir. Ata-babalarymyzyň üstünlikli dowam etdirilýän şu ýörelgesinden ugur alyp, dünýä bileleşigi bilen birlikde, parahatçylygyň, döredijiligiň we ösüşiň ýoly bilen ynamly öňe barýan Garaşsyz Watanymyzda hem Ýaşulularyň halkara güni ýokary ruhubelentlikde bellenilýär. Gymmatly öwüt-ündewleri, maslahatlarydyr nesihatlary bilen milli agzybirligimizi, jemgyýetimiziň jebisligini has-da pugtalandyrmaga, Watanymyzyň daýanjy bolan bagtyýar ýaşlarymyzy watansöýüjiligiň, ynsanperwerligiň belent ruhunda terbiýelemäge saldamly goşant goşýan ýaşulularymyza çäksiz hormatyň nyşany hökmünde Aşgabat we Arkadag şäherlerini, tutuş ýurdumyzy gurşap alýan aýdym-sazly dabaralary hem-de baý many-mazmunly medeni-jemgyýetçilik çärelerini geçirýäris. Bu bolsa Ýaşulularyň halkara gününiň ähmiýetini has-da artdyryp, agzybirligimiziň, rowaçlyklarymyzyň, bagtyýarlygymyzyň esaslaryny düzýän milli ýörelgelerimizi dünýä ýaýýar, beýik geljegimiziň hatyrasyna täze üstünliklere hem-de belent sepgitlere ruhlandyrýar.

**Eziz watandaşlar!**

Biziň alyp barýan syýasatymyzyň esasynda jemgyýetimiziň we döwletimiziň iň ýokary gymmatlygy hasaplanýan adamyň bähbidi durýar. Şundan ugur alyp, merdana halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagy üçin ähli zerur şertleri döredýäris, ýurdumyzyň her bir raýaty, aýratyn-da, ýaşuly nesillerimiz hakynda uly alada edýäris. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyny», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasyny» üstünlikli amala aşyryp, ýurdumyzy ösüşiň täze sepgitlerine çykarýarys. Türkmenistanyň öz saýlap alan döretmek we gurmak ýoly bilen ynamly öňe barýandygyna, dünýäniň kuwwatly, gurply döwletleriniň biridigine aýdyň şaýatlyk edýän täze şäherleri, etraplary, döwrebap obadyr

Все права защищены

şäherçeleri, iri senagat kärhanalaryny gurup, mähriban halkymyzyň durmuş derejesini has-da ýokarlandyrýarys. Biz geljekde hem Watanymyza bolan beýik söýgimiz, agzybirligimiz we jebisligimiz, kuwwatly mümkinçiliklerimiz bilen halkymyzyň bagtyýar durmuşy üçin tutumly işleri ýokary depginde dowam etdireris.

**Gadyrly ýaşulularymyz, mähriban enelerimiz!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe agzybirligimizi has-da pugtalandyrmakda, watansöýüji nesilleri terbiýeläp ýetişdirmekde jemgyýetimiziň ýaşuly nesliniň wekilleriniň aýratyn uly orny bardyr. Siziň parasatly wesýetleriňiz, öwüt-ündewleriňiz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzy ýürekden söýýän, ýokary ahlak häsiýetlerini, watansöýüjiligiň belent düşünjelerini özünde jemleýän, ynsanperwer ýörelgelerimize, asylly däp-dessurlarymyza ygrarly ogul-gyzlary terbiýelemekde özboluşly mekdepdir.

Eziz Diýarymyzda amala aşyrýan işlerimize, beýik başlangyçlarymyza, toý-baýramlarymyza ýaşulularymyzyň ak patasy bilen badalga berýäris. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň köp sanly taryhy wakalary hem muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Garaşsyzlyk baýramynyň öň ýanynda paýtagtymyzda üstünlikli geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ýurdumyzy we jemgyýetimizi mundan beýläk-de ösdürmek boýunça möhüm çözgütleri kabul etdik. Agzybirligimizi pugtalandyrmakda hem-de täze sepgitlere tarap ynamly öňe gitmekde, ýaş nesillerimizde Watanyň mukaddesligi, gymmaty hakyndaky düşünjeleri, belent ahlagy we milli häsiýetleri kemala getirmekde aýratyn hyzmatlary bitiren dilleri senaly ýaşuly nesliň wekillerine Türkmenistanyň «Hormatly il ýaşulusy» diýen hormatly adynyň dakylmagy hem-de «Zenan kalby» ordeniniň dabaraly gowşurylmagy has-da guwandyryjydyr. Biz türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gahryman Arkadagymyzyň nusgalyk göreldesine hem-de il sylagly ýaşulularymyzyň baý durmuş tejribesine ylham çeşmesi, üstünliklerimiziň badalgasy hökmünde ýokary baha berýäris.

**Hormatly ýaşulular, mähriban eneler!**
**Eziz watandaşlar!**

Sizi Ýaşulularyň halkara güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglyk, berkarar Watanymyzda abadan we bagtyýar durmuşyň hözirini görüp, uzak ýyllar ömür sürmegi arzuw edýärin.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Serdar BERDIMUHAMEDOW.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026